# Namazy taşlana garaşýan azap.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Ikindi namazyny kylmadyk kişi göýä maşgalasyny we mal-mülküni elinden aldyran, ýitiren kişi ýalydyr.”** *(Buhari / 552)* Pikirleniñ eger diñe ikindi namazyny geçirmek maşgalañy we mal-mülküñi ýitiren ýaly howply bolsa, bäş wagt namazy kylman ýören kişiniñ ýagdaýy nähili bolar?

Bu ymmatyñ iñ haýyrlysy bolan sahabalar, tabygynlar we taby-tabygynlar döwüründe namaz kylmaýan musulman ýokdy. Çünki olaryñ Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemden öwrenen Yslam dininde namazsyz musulman diýen düşünje ýokdy. Bir kişiniñ özüne musulman diýip, soñra namaz okamazlygy mümkin däldi. Olar özüne musulman diýen bir kişiniñ hökman namaz okamalydygyny bilýärdiler. Şonuñ üçin hem namaz okamazlyk añyrda dursyn olar mesjide erte we ýassy namazyny kylmak üçin jemagata gelmeýän kişileri mynafyk hasap ederlerdi.

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Mynafyklar üçin iñ agyr namaz yassy we erte namazydyr. Eger olar (mynafyklar) bu iki namazda (näçe sogap we fazilet) bardygyny bilselerdi, emedekläp gelmeli bolsalarda namaza gelerlerdi.”** *(Buhari /657, Muslim /651)*

Omar radiallahu anh bir kişini erte namazynda görmäni üçin onuñ nirdedigini sorap yzyndan adam ugradýar. Ol kişini ýanyna getirenlerinde: “**Sen niredediñ, diýip soraýar. Ol kişi: Eý Omar men hassadym! Eger sen meniñ yzymdan adam ugratmadyk bolsañ men daşaryk çykjak däldim, diýýär. Omar oña: Eger bir kişi üçin daşaryk çykyp bilýän bolsañ, namaz üçin daşaryk çyk, diýýär.”** *(Ibn Ebi Şeýbe, Musannef 1/344-345)*

Ençeme hadysda diñe Juma namazy taşlan kişiniñ kalbynyñ möhürlenip, doñduryljakdygy we mynafygyñ kalbyna öwrüljekdigi aýdylýar. Eger diñe Juma taşlanmak bilen kalp doñdurylyp, mynafygyñ kalbyna öwrülýän bolsa, Jumadan esse-esse ähmiýetli bolan bäş wagt namazy taşlan kişiniñ ýagdaýy nähili bolar! Allah özi bizi bu ýagdaýdan gorasyn!

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Kim Juma güni azany eşidip, Juma namazyna gitmese, soñra ýene azany eşidip Juma gitmese, soñra ýene eşidip Juma namazyna gitmese, Allah Tagala ol kişiniñ kalbyny möhürlär we onuñ kalbyny mynafygyñ kalbyna öwürer.”** *(Beýhaki we Ebu Ýala hadisi tahriç edýärler)*

Ebu Hureýre we Ibn Omar radiallahu anhumadan, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi:**“Ynsanlar ýa juma namazyna gelerler ýa-da Allah olaryñ ýüreklerini (juma namaza gelmeýändikleri üçin) möhürlär soñra olar gafyllardan bolarlar.”** *(Muslim/Juma, 12/865, Darimi 1/368-369)*

Ebul-Jad ed-Demri radiallahu anhdan, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi:**“Kimde-kim üns bermän we (şergy sebäpsiz) üç gezek Juma namazyny taşlasa, Allah Tagala ol kişiniñ kalbyny möhürlär (doñdurar).”** *(Tirmizi/500, Ebu Dawud / 1052, Nesai 3/88, Ahmed / Müsned 3/424-425)*

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem Yslamyñ buýruklarynyñ ýeke-ýekeden gitjekdigini habar berýär we iñ soñky gitjek zadyñ namazdygyny aýdýar. Namazyñ taşlanmagyndan soñra dinden hiç zat galýan däldir. Eý binamaz bu hadysyñ üstünde ýagşy pikirlen! Sende yslamdan näme galdy?

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi: **“Yslamyñ buýruklary ýeke-ýekeden bozuljakdyr** (taşlanjakdyr). **Bir buýruk taşlansa, ynsanlar ondan soñky** (höküme) **ýapyşarlar. Ilkinji bozuljak** (taşlanjak) **höküm** (Allahyñ hökümi bilen höküm etmekdir), **iñ soñky** (taşlanjak zat bolsa) **namazdyr.”** *(Ahmed 5/251, Ibn Hibban 8/253, Şeýh Albani Tergib we Terhibde 1/329 sahyh diýendir)*

Enes bin Mälik radiallahu anhdan, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi:**“....diniñizden iñ soñky**

**taşlajak zadyňyz namazdyr.”** *(Ibn Ebi Hatim 1/1/471, Ebu Nuaým el-Hilýe, 6/265. Şeýh Albani es-Sahiha: 1739)*

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem hiç bir ýagdaýda bilkastlaýyn namazy taşlamaň diýýär! Namaz okaman ýörenler pikirlensin! Seni namaz kylmazlyga biri zorladymy ýa-da sen öz islegiň bilen bilkastlaýyn namazy taşladyňmy? Eger öz islegiň bilen namazy kylman ýören bolsaň, seret Pygamberimiz sen barada näme diýdi!

Muaz bin Jebel radiallahu anhdan, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi: **“(Bölek-bölek edilip) azap edilseňde we (otda) ýakylsaňda Allaha hiç bir zady şärik (araçy) goşaýma. Mal-mülküňi alyp seni (kowsalarda) ene-ataň diýenini et. Namazyňy bilkastlaýyn terk etme. Eger kim bilkastlaýyn namazy taşlasa Allahyň goragy ondan gidendir. Içgi içme. Çünki içgi her erbetligiň açarydyr.”** *(Taberäni/el-Ewsat: 7956, Ibn Nasyr/ Kadrus-Salat: 921, Albani Tergib we Terhibde hasen ligaýrihi diýendir)*

**Namazy taşlan kişi barada sahabalaryň sözi:**

Hezreti Omar radiallahu anh namazy taşlan kişi barada şeýle diýýär: **“Dykkat ediň! Namazy taşlan kişiniň yslam dininden nesibesi ýokdur.”** (*Ymam Mälik, Muwatta: 1/40, Darekutni, Sunen:2/52, Ibn Ebi Şeýbe, Musannef 10410)*

Alym sahaba Abdullah bin Mesud radiallahu anh şeýle diýendir: **“Namazy taşlan kişiniň dini ýokdur.”** *(Ibn Ebi Şeýbe: 10446, Muhammed bin Nasr, Kitabus-Salat: 935, Taberani, el-Kebir: 8942)*

Hezreti Ali radiallahu anh şeýle diýendir: **“Namazy kylmaýan kapyrdyr** başga rowaýatda **kapyr bolar.”** diýendir. *(Ibn Ebi Şeýbe Musannef: 7722)*

Sahabadan Ebu Derda radiallahu anh şeýle diýendir: **“Namaz kylmaýanyň imany ýokdur, täreti bolmaýanyň namazy ýokdur.”** *(Ibn Abdilberr: 4/225, Lälekai Itikad Ehli Sunna : 1536, Muhammed bin Nasr el-Merwezi Kadru-Salat: 2/93/946)*

**Sahabalar namaz taşlamagy kapyrlyk hasap ederlerdi:**

Tabygyndan Abdullah bin Şakik el-Ukaýli şeýle diýendir: **“Muhammed sallallahu aleýhi we sellemiň sahabalary namazdan başga amaly taşlamagy kapyrlyk hasap etmezlerdi (ýagny diňe namazy taşlamgy kapyrlyk hasap ederlerdi).”** *(Tirmizi: 2622, Muhammed bin Nasr el-Merwezi, Kadrus-Salat: 905, Elbani, Sahihu Suneni Tirmizi 2622)*

**Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem bize namazy taşlan kişiniň kyýamat güni kapyrlar bilen bile bojakdygyny habar berýär:**

Hadysda: **“Kim bäş wagt namazyny gorasa (olary wagtynda kylyp dursa), ol namaz kyýamat gününde onuň üçin nur, burhan (subutnama) we kyýamat güni (dowzahdan) halas boluş, nejat bolar. We kim (bäş wagt namazyny) goramasa, kyýamat güni onuň üçin ne nur, ne burhan ne-de (dowzahdan) halas boluş bardyr. Kyýamat güni bolsa, ol kişi Karun, Haman, Firun we Ubeý bin Halef bilen bile bolar.”** *(Ahmed 2/169, Darimi 2/301, Ibn Hibban 1448)*

Hadysda ady tutulan kişiler taryhda ady belli bolan kapyrlaryň baş tutanlarydyr.

Ibn Kaýýim rahimehullah *Kitabus-Salat* atly eserinde bu hadysy aýdandan soňra şeýle diýýär: **“Namazy taşlan kişileriň bu dört kişi bilen boljaklarynyň sebäbi şudyr: Bu dört kişi kapyrlaryň baş tutanlarydyr. Namazy taşlan kişi ýa maly-mülki ýa başlyklygy ýa-da söwda-satygyň, gazanjyň bahanasy sebäpli namazy taşlar. Kim-de kim baýlygy sebäpli namazy taşlasa Karun bilen bile bolar. Kimde-kim mal-mülki sebäpli namazy taşlasa Firun bilen bile bolar. Kimde-kim başlyklygy, wezipesi sebäpli namazy taşlasa Haman bilen bile bolar. Kimde söwda-satygy sebäpli namazy taşlasa Ubeý bin Halef bilen bile bolar.”**

Allah Tagala ählimizi bulardan bolmakdan gorasyn!

Eý binamaz seni Robbiň ýoluna gelmekden, bäş wagt namazyňy kylmakdan näme saklaýar? Ýa sen özüňi ýaradan Robbiňi unutdyňmy? Her wagt Oňa mätäçdigiňi we seniň gaty ejiz barlykdygyňy unutdyňmy? Aýatda: **“Eý ynsan! Kerim bolan Robbuňe garşy seni näme aldatdy....Ol (Robbiň) seni öz islän şekilinde ýaratdy.”** *(Infitar 82/6-8)*

Ol Robbiň seni iň kämil we gözel şekilde ýaratdy, saňa sansyz nygmatlar eçildi! Sen haçana çenli Robbiň buýrugyna amal etmän gezjek? Ýa sen şeýtanyň birje sežde etmänligi üçin kapyr bolanyny bilmeýärdiňmi? Sen günde näçe sеždäni taşlaýarsyň? Diňe Allaha bolan ynanjyň saňa ýeterli bolar öýtme? Şeýtanyň Allaha bolan ynanjy seňkiden köp bolmasa az

däldi!? Emma ol Allaha ynanmany üçin däl, eýsem Allahyñ buýrugyny etmäni üçin kapyr boldy?

Eý binamaz janly-jansyz her bir zadyñ Allaha ybadat edip, Ony zikir edýäninden habaryñ barmy? Howwa sen dogry okadyñ janly-jansyz her bir zat Allahy zikir edýär! Agaçda saýraýan bilbileriñ Allahy zikir edýänini bilýärdiñmi? Suwyñ düýbündäki balyklaryñ Allahy zikir edýänini eşitdiñmi? Agaçlaryñ hatda daglaryñ Allah gorkysyndan titreýänini bilýärdiñmi?

Allah Tagala aýtdy: **"(Ýedi gat) asmanlardaky we ýerdäki bar janly-jandaryñ günüñ, aýyñ, ýyldyzlaryñ, daglaryñ, agaçlaryñ, haýwanlaryñ we ynsanlaryñ köpüsüniñ Allaha sežde edişini görmediñizmi? Ynsanlaryñ köpüsi azab çekmäge haklydyr. Kimi Allah har etse, ony hiç kim eziz edip bilmez. Allah islän işini eder."** *(Haj 22/18)*

Eý binamaz seniñ kalbyñ dagdan, daşdan gatymy?

Kim Allahyñ ýolundan ýüz öwürse, oña iki dünýäde-de azap garaşýar.

Aýatda:; **"Kim Meniñ zikrimden (Kuranymdan) ýüz öwürse, oña agyr ýaşaýyş garaşýar we kyýamat güni biz ony kör edip direlderis. Şonda ol: Robbim näme üçin meni kör edip direltdiñ, men dünýäde görýärdim ahyry, diýer. Şonda oña: Haçanda saña biziñ aýatlarymyz gelende sen olary unutdyñ. Bu gün bolsa sen unudylarsyñ."** *(Taha 20/124-126)*

Allahyñ ýoluna boýun bolman ölenler kyýamatda puşman bolarlar emma eýýäm giç bolar! Robbimiz aýtdy: **"Haçanda olardan birine ölüm gelende: Robbim meni yzyma gaýtaraýda, taşlan salyh amallarymy edeýin, diýer."** *(Müminun 23/99-100)*

"**Käşkä men ahyrýedim üçin taýynlanan bolsadym (sogap gazandyrjak amal eden bolsadym)."** *(Fejr 89/24)*

"**Dowzahylar Robbimiz bizi bärden çykaraýda! Dünýädäki ýaman etmişimizden başga ýagşy amallar edeli diýip, ýalwararlar "** *(Fatyr 35/37)*

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.